# Rus milli edebiýat baýragynyň täze eýeleri

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Rus milli edebiýat baýragynyň täze eýeleri RUS MILLI EDEBIÝAT BAÝRAGYNYŇ TÄZE EÝELERI




Russiýada «Большая книга» milli edebiýat baýragy 17 ýyl bäri yzygiderli geçirilýär. Rus edebiýatyna goldaw merkezi tarapyndan Russiýanyň çeperçilik medeniýetine ep-esli goşant goşup, häzirki zaman rus edebiýatynyň jemgyýetçilik ähmiýetini ýokarlandyryp, okyjylary we jemgyýetiň ünsüni özüne çekip biljek edebi eserleriň awtorlaryny gözlemek we sylaglamak maksady bilen döredilendir.
Ýakynda Russiýa Federsaiýasynyň kitap baýragynyň netijeleri mälim edildi. Aşakda görkezilen sanawdaky kitaplar 2022-nji ýylyň iň gowy kitaplary saýlandy. Moskwa şäherinde ýerleşýän Paşkow öýünde Russiýanyň «Большая книга» (Uly kitap) baýragynyň netijeleriniň jemi jemlendi.

«Большая книга» bäsleşiginiň laureatlary:

1. Pawel Basinskiý «Anna Kareninanyň hakyky kyssasy»;
2. Alekseý Warlamow «Rozanowyň ady»;
3. Sergeý Belýakow «Parižli oglanjyk Moskwada».

Astronom Leonid Ýelsin «Edebiýata goşan goşandy üçin» ýörite baýraga mynasyp görüldi. Dabarada iň gowy kitap blogeri hem yglan edildi. «Litblog» baýragynyň eýesi bolsa «kitap syýahatçysy» blogynyň awtory Dina Ozerowa boldy.
«Большая книга» bäsleşiginiň taryhynda ilkinji gezek «Nesiliň saýlawy» atly ýörite baýrak «Parižli oglanjyk Moskwada» atly eseri bilen Sergeý Belýakowa gowşuryldy.

Aýmuhammet NURGELDIÝEW,
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk
uniwersitetiniň talyby.

*Çeşmesi:*
*https://turkmengazet.com/rus-milli-edebiyat-bayragynyn-taze-eyeleri/. 28.12.2022ý.* Edebiýat täzelikleri